# Aglaýan – Ogultäç Oraztaganowa

Category: Kitapcy
написано kitapcy | 21 июня, 2025



Gazlaň üzülere gelýän boýnundan
aslyşyp, gowluga umyt baglaýan.
Ýöne sen ýadyma düşeňde welin,
Elimi ýüzüme tutup aglaýan.
Bilýädim keşbiňi ýazymda görüp,
Düýşlerimde – gije ýarymda görüp,
Seni ýat kişileň ýanynda görüp,

Elimi ýüzüme tutup aglaýan.

Kän zat görüp öz kalbyny dörende,
«Şükür!» diýer, ynsan aman örende,
Ahmyrlam içimde derýa dönende,
Elimi ýüzüme tutup aglaýan.

Ýadyrgarma:n ýat bir dünýä düşeňde,
Ýaşa, bagty düşek edip düşen-de!
Terkidünýä ahwal-hala düşemde,
Elimi ýüzüme tutup aglaýan.

Heý, söýülen ynsan ýamanlanarmy?
Görmäweri herne ýamanlygymy!
Üýşürip bir ýere ýazanlarymy,
Elimi ýüzüme tutup aglaýan.

© Ogultäç Oraztaganowa